# Gizlin döwletiñ Owganystan nägileligi!

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Gizlin döwletiñ Owganystan nägileligi! GIZLIN DÖWLETIÑ OWGANYSTAN NÄGILELIGI!

The Council of Foreign Relations (CFR)…
Daşary gatnaşyklar geñeşi…
ABŞ-nyñ iñ täsirli düşünje guramalaryndan…
ABŞ-nyñ «gizlin döwleti» (глуби́нное госуда́рство)…
ABŞ-nyñ daşary syýasatynyñ şekillenmeginde uly rol oýnaýar.
CFR ABŞ-nyñ global derejede hak-hukugyny we bähbidini araýan, bu babatda jahana ykdysady-syýasy taýdan ýol görkezmäge we serenjam bermäge gönükdirilen edara.
Düýbüni tutujylary we hojaýynlary esasan ABŞ-ly öñki ministrler, MRU-nyñ we FED-iñ başlyklary, ABŞ-ly läheñ banklaryñ we trestleriñ wekilleri. 1921-nji ýylda Nýu-Ýorkda Dewid Rokfeller (Häzirem «Exxon-Mobile», «Chevron», «Citi Group», «JP Morgan Chase» ýaly şereketlere eýelik edýän adybelli maşgala) tarapyndan guruldy.
«Foreign Affairs» atly meşhur žurnalam bu edaranyñ ýörite neşir organydyr.
Edaranyñ başlygy Riçard Haass… Ol 2001-2003-nji ýyllarda ABŞ-nyñ Daşary işler ministrliginde Syýasat meýilleşdiriş bölümiñ başlygy bolup işlände, şol bir wagtyñ özünde Kolin Paueliñ baş geñeşçisi bolup işledi. Haasyñ diplomatik tejribesinden başga-da çuññur hökümet tejribesi bar. 1989-1993-nji ýyllarda ABŞ-nyñ Prezidenti Jorj H.Buşyñ ýörite assistenti we Milli howpsuzlyk geñeşiniñ başlygy bolubam işledi. Owganystandan çekilme we soñky ýagdaýlar barada CFR-iñ näme diýýändigini birinji agyzdan eşitmek gyzykly bolsa gerek.

- **Saýgondan Kabula**

2021-nji ýylyň 15-nji awgusty…
CFR-y dolandyrýan Riçard N.Haas ABŞ-nyň Owganystan çykmagyny agyr sözler bilen tankyt topuna tutdy: «Kabulyň çalt çöküşi Saýgonyň (Wýetnam) 1975-nji ýyldaky masgaraçylykly çöküşini ýatladýar. Ýerli netijelerden (giňden ýaýran gapma-garşylyklar, zenanlara we kämillik ýaşyna ýetmedik gyzjagazlara garşy bolýan sütemler hem-de köpçülikleýin bosgunlar) zyýat, ABŞ-nyň Owganystandaky strategik we moral şowsuzlygy ABŞ-nyň dostlary we dostlarynyň arasyndaky ygtybarlylygy hakyndaky şübheleri güýçlendirer.»

1-nji anyklama: ABŞ Owganystanda strategik we moral taýdan taýdan şowsuzlyga uçrady.
Emma… Şu jümle beter agramly:
2-nji anyklama: Şowsuzlyk… ABŞ-nyň dostlary we dostlarynyň arasyndaky ygtybarlylygy hakyndaky şübheleri güýçlendirer…
Mundan beýläk täze oýnuň meýdançasynyň ady Owganystan!
Amerikan gizlin döwletiniň Baýdene bildirýän nägileliginiň aňyrsynda «Bular ýaly çalt çökmeli däldi… Görkezilen sahna arassa ýeňlişden başga zat däl. Biz NATO-dyr Ýewropa Bileleşigine täzeden ýol görkeziji boljakdyk. Lider bolmalydyk. Muny gowşatdyňyz» pikiri ýatyr! Baýdeniň gelmeginde möhüm rol oýnan CFR-iň başlygy Haasyň agyr sözleriniň üstünden bäş gün geçdi we «ygtybarlylyk» saldarlanmaga başlady. Mysal üçin…

- **Birinji nägilelik Germaniýadan**

2021-nji ýylyň 20-nji awgusty…
Germaniýanyň Daşary işler ministri Heiko Maas «Spiegel» žurnalyna beren interwýusynda wagtal-wagtal NATO-nyň kabul eden kararlarynyň Waşingtonda kabul edilýändigini we Brýusseliň bu babatda rolunyň ýok diýerlik derejede azdygyny aýtdy. Ol haýsydyr bir ýere goşun salmazdan öň munuň syýasy tarapyny mazaly ara alyp maslahatlaşmagyň gerekdigini nygtady. Tersine bolanda ABŞ-da kim prezident bolaýanda-da, Waşingtonda kabul edilýän kararlary ýerine ýetirmegiň howpludygyny aýratyn nygtan Maas, şeýle diýdi: «…Biziň ABŞ bolmazdan agyr halkara

missiýalary dolandyryp biljek ýagdaýymyzyñ ýokdugy üçin köp zady amerikanlaryñ özi çözýär we biz ony ýerine ýetirýäris. Owganystandaky şowsuzlyk daşary we howpsuzlyk syýasaty taýdan dünýädäki jogapkärçiligimizi doly ret etmeklige sebäp bolmaly däl.»

**Netije:** *Türkiýäniñ, Hytaýyñ, Russiýanyñ, Germaniýanyñ, Angliýanyñ, ABŞ-nyñ bolan küşt tagtasynda kim, nirede, nähili orny eýelärkä? ABŞ «gidip» durka, türk esgerini o taýda saklaýmaly bolarysmy? 2020-nji ýylyñ fewralyndan bäri Owganystanyñ Talibana peşgeş ediljegini bilip durkagam, 14-nji iýulda bolmagyna garaşylýan NATO-nyñ ýygnagyna garaşyp durmagyñ näme manysy bardy? 2020-nji ýylyñ 29-njy fewralyndaky Doha şertnamasyny okasañyz, imperialist warwarlar bilen MRU-nyñ çöpdüýbi çagasy Taliban warwarynyñ daşyndan göräýmäge gyrlyşyp ýören ýaly bolup görünse-de, bile hereket edendiklerine göz ýetirersiñiz. Hut şonuñ üçinem Talibandan anti imperialist ýasajak bolmak taryhy logika tersdir! Munuñ üstünde ertir giñişleýin durup geçeris…*

Aýtunç ERKIN.

«SÖZCÜ» gazeti, 24.08.2021 ý. Publisistika